# Garga bilen Tilki / basnýa

Category: Goşgular,Kitapcy,Sözler
написано kitapcy | 24 января, 2025
Garga bilen Tilki / basnýa GARGA BILEN TILKI

Ýaranjaňlyk gabahat hem zyýanly
Diýseler-de bary biderek bolýar.
Ýaranjaň özüne ynanar ýaly,
Ýürekden hemişe penalyk alýar.

Bir Garga bir ýerden bir bölek peýnir
Ýetensoň begenip uçupdyr-da ir,
Çykypdyr bir beýik agaç üstüne,
Iýmäge taýýarlyk görüp dessine.
Agzynda peýniri – hyýala batan.
Şol wagt bir Tilki hem gelip ýeten.
Tilki bir ys alyp, sakga durupdyr,
Garganyň agzynda peýnir görüpdir.
Melul bolan mekir Tilki
Biraz pikir edip ilki,
Ýapyrlypjyk agaç düýbüne baran.
Oň peýnire gözi gidip
Hem-de ýalym-ýulum edip,
Gargadan gözüni aýyrman duran
Hem ýakymly sözler toplan,
Garga bakyp şeýle geplän:
«Ne gözeldir boýnuň seniň;
Ýesir eder oýnuň sesiň.
Enaýyja gözleriň bar,
Mylaýymja sözleriň bar.
Edil ertekide aýdylşy ýaly,
Periň näzik, burnuň peri mysaly.
Saýrasana, owazyňdan ganaýyn,
Dür dökülen dilleriňe döneýin.
Guşlaryň içinde şasy bolarsyň,
Jak-jak edip, gül içinde gülersiň».

Bilgiriñ öwgüden aýlanyp seri,
Şatlanyp, hüžžerip holtumy, peri,
Tilkiniñ öwgüli sözüne gidip,
Garga aldygyna gygyrdy welin,
Peýnir gaçdy – ony tiz lak-luk edip,
Mekirje peýnirjen gönendi elin.

Iwan KRYLOW.

Terjime eden: Durdy HALDURDY. Goşgular